Resminamanyň görnüşi: Maglumat üçin haýyşnama (RFI)

Belgi: 72011524RFA00004

Çykan senesi: 2024-nji ýylyň 1-nji apreli

Ýapylyş wagty: 2024-nji ýylyň 29-njy maýy, Almata wagty bilen 09:00-a çenli

Mowzuk: Türkmenistanda, grant dolandyryşynda we/ýa-da maldarçylyk pudagynda tejribesi bolan guramalar hakda maglumat ýygnamak

## I. UMUMY GÖRNÜŞ

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Merkezi Aziýada Halkara Ösüş Guramasy (USAID/CA) Türkmenistanda, grant we şertnamalary dolandyrmak we/ýa-da maldarçylyk pudagynda başarnygy we tejribesi bolan potensial gatnaşyjylaryň elýeterliligini öwrenýär. Bu tagallalar, geljekde USAID-iň Türkmenistanda alyp barjak işleri üçin meýilnamalaşdyrmak we hyzmatdaşlyk üçin esas bolup hyzmat eder.

**Möhüm bellik: Bu resminama anketa tabşyrmak üçin haýyş DÄL. Bu etapda/möwsümde gyzyklanma derejäni anyklamak üçin diňe formany doldurup bermeli. Şeýle-de bolsa, USAID jogaplary bu taslamanyň çäginde haýsy guramalar bilen işleşjekdigini kesgitlemek üçin ulanar.**

Maglumat üçin bu haýyşnama (RFI) Türkmenistanda geljegi uly bolan USAID-yň maldarçylyk taslamasyny goldamak üçin guramalaryň elýeterliligi, gyzyklanmasy we dürli mümkinçilikleri barada maglumatlary almaga gönükdirilen.

Bu RFI diňe maglumat we meýilleşdiriş maksatlary üçin berilýär. Bu haýyşnama, maliýeleşdirmek mümkinçiliginiň yglan edilmegi ýa-da teklip haýyşy DÄL we ABŞ-nyň hökümetine şertnama baglaşmagy ýa-da şeýle haýyşyň netijesinde berlen maglumatlar üçin tölemegi borçly etmeýär. Maliýeleşdirmek mümkinçiligi bolaýan ýagdaýynda, ähli zerur bolan maglumatlar bu resminama goşular. Gyzyklanýan taraplara, mümkin bolan täze programmalar barada maglumatlary we täzelikleri görmek üçin www.grants.gov we www.sam.gov saýtlara girmegi maslahat berilýär.

Mundan başga-da, USAID bu haýyşnama barada has giňişleýin maglumat paýlaşmak üçin bir ýa-da birnäçe gün presentasiýa  geçirmegi meýilleşdirýär.

Presentasiýanyň görnüşi/formady we ýeri:

- Amerikan merkezindäki jemgyýetçilik guramalary üçin tegelek stol (Rus) – 10-njy maý 2024, 15:00-17:00
- Onlaýn (Rus/Türkmen) – 23-nji aprel, 2024, 15:00-16:00
- Onlaýn (Iňlis) – 24-nji aprel, 2024, 15:00-16:00

Bu sessiýalaryň haýsydyr birine ýazylmak üçin Jahan Allaberdiýewa (jallaberdiyeva@usaid.gov) bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.

Maglumat üçin bu haýyşnamanyň iňlis dili esasy dil diýip hasaplanylýar we gapma-garşylyklar bolaýan ýagdaýynda terjime edilen dillerden ileri tutulýar.

## II. MAGLUMAT

USAID/Merkezi Aziýada sebitleýin guramasy, Türkmenistanda mallaryň öndürijiligini ýokarlandyrmak we et we süýt önümleriniň yzygiderlilikde gymmatynyň emele getirmegi berkitmek çäreleri meýilleşdirýär. Bu iş, USAID-iň Bütindünýa Local Works meýilnamasynyň bir bölegi bolup, ýerli ösüşi öňe sürer we ýerli ilata we guramalara öz ösüş meselelerini çözmekde hukuklaryny we mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga Guramanyň şertlerini artdyrar.

Türkmenistanda mallaryň öndürijiligini ýokarlandyrmagy üçin geljekki çäreler aşakdaky çemeleşmeleriň biri ýa-da birnäçesi arkaly gönükdiriler: (1) mallaryň has öndürijilikli tohumlary üçin genetiki materiallara kiçi we orta fermalaryň elýeterliligini gowulandyrmak; (2) kiçi we orta fermalaryň ýokary hilli iýmitlere elýeterliligini gowulandyrmak; (3) mallary dogry ideg etmekde daýhanlaryň bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmak; we (4) süýt we et önümçilik pudaklarynda yzygiderlilik gymmatyny güýçlendirmek üçin beýleki çäreleri. Maksatlar süýt we et pudaklarynda önümçiligi artdyrmagy we daýhanlaryň girdejilerini ýokarlandyrmagy öz içine alýar.

## III. ÝÜZ TUTMA KRITERIÝASY/ŞERTLERI

USAID/CA jemgyýetçilik, akademiki, hususy pudak, we okuw guramalardan, ylmy-gözleg edaralardanýa-da şu RFI-de beýan edilen maldarçylyk işi bilen baglanyşykly tejribesi bolan beýleki guramalardan maglumatlara gyzyklanma bilen garaşýar. **Aşakda agzalan ýurtlaryň we sebitleriň kanunçylyklary laýyklykda hereket edýän guramalaryň telekeçilik işleri esasynda berilen jogaplara garaşylýar: ýagny Türkmenistan, Kawkaz ýurtlary, Türkiýe we Gündogar Ýewropanyň we Ýewraziýanyň beýleki ýurtlary.**

Mundan başga-da, USAID/CA diňe soňky bäş ýylda USAID-den (ýagny baş baýrak hökmünde) 5 million amerikan dollaryndan gowrak girdeji ALMADYK guramalaryň beren jogaby bilen gyzyklanýar.

USAID/CA ýokarda kesgitlenen guramalardan aşakda sanalan ISLENDIK ukybyna ýa-da tejribesine eýe bolan jogaplary kabul edýär. **Guramalar ähli soraglara jogap bermeli däl we jogaplary diňe başarnyklary ýa-da tejribesi bolan ugurlarda tabşyrmaly.**

1. **Grant we/ýa-da şertnamany dolandyrmak bilen baglanyşykly tejribesi,** şol sanda:
    a. Kömekçi grantlary ýa-da kiçi şertnamalary dolandyrmak;

    b. Halkara serhetlerinden haryt satyn almak ýaly satyn alyş amallaryny dolandyrmak;
    c. Işe kabul etmek proseslerini dolandyrmak;
    d. Adam resurslary/işgärler syýasatyny ösdürmek we durmuşa geçirmek;
    e. Gözegçilik, baha bermek we hasabat amallaryny dolandyrmak; we/ýa-da;
    f. Maliýe dolandyryş syýasatlaryny işläp düzmek we goldamak.
2. **Türkmenistanda işlemek tejribesi**, şol sanda Türkmenistanda işlemek barada jikme-jik maglumat. Bu aşakdakylar içine alyp biler, emma munuň bilen çäklenmeýär:
    a. Türkmenistanyň döwlet edaralary bilen işleşmek (milli derejedäki häkimiýetler we ýerli dolandyryjy edaralar bilen birlikde);
    b. Türkmenistan boýunça harytlaryň importyna we eksportyna gözegçilik etmek ýa-da ýeňilleşdirmek;
    c. Türkmenistanda oba hojalygy we maldarçylyk bilen baglanyşykly guramalar bilen işlemek tejribesi (meselem, Oba hojalyk uniwersiteti, weterinariýa kolleji, Senagatçylar we Telekeçiler birleşigi we ş.m.); we/ýa-da;
    d. Türkmenistanda başga islendik iş; Türkmenistanyň çägindäki iş sebitlerini görkezmegiňizi haýyş edýäris.
3. Maldarçylyk pudagynda tejribe, şol sanda:
    a. Süýt ýa-da sygyr etiniň  yzygiderlilikde gymmatyny emele getirmek tejribesi;
    b. Maldarçylyk pudagynda bazara baha bermek ýa-da bazar ulgamlaryny seljermek tejribesi;
    c. Maldarçylyk fermerleri bilen islendik ugurda işlemek, şol sanda okuw, weterinariýa hyzmatlaryny bermek ýa-da maldarlar bilen işiň beýleki görnüşleri; we/ýa-da;
    d. Maldarçylyk pudagy üçin materiallary we enjamlary import etmek ýa-da öndürmek tejribesi.

**Guramalara jogap bermek üçin ýokarda sanalan ähli mümkinçilikleriň we tejribäniň bolmagy hökman DÄL.**

## VI. MAGLUMATY TABŞYRMAK BOÝUNÇA GÖRKEZMELER

USAID/CA gyzyklanma bildirýänleriň soragnamalara aşakdaky görnüşleriň birinde gysga ýazmaça jogap bermegini haýyş edýär: Microsoft Word, PDF formatlarynda ýa-da e-poçta arkaly tekst. Maglumat bir faýlda, goşmaçalar goşmak bilen uzynlygy ýedi (7) sahypadan köp bolmaly däldir. Jogapberijiler soraglary gözden geçirmeli we **DIŇE** tejribe we mümkinçilikleri bilen baglanyşykly soraglara jogap bermeli. Hemme soraglara jogaplar talap edilmeýär, ýöne degişli bolanda höweslendirilýär. Jogabyňyzda doly adyňyzy, wezipäňizi, guramanyň ady we habarlaşmak üçin maglumatlaryňyzy goşmagyňyzy haýyş edýäris. Jogaplar üç diliň haýsy hem bolsa birinde ugradylyp bilner: Iňlis, Türkmen ýa-da Rus dilleri. Maglumaty doldurmak üçin **DIŇE BIR** görnüşi/dili (ýa iňlis, türkmen ýa-da rus dillerinde) saýlamagyňyzy haýyş edýäris.

Jogaplaryňyza duýgur şahsy maglumatlar ýa-da eýeçilik maglumatlary ýaly gizlin syrly maglumatlary goşmaň. Bu habarnamanyň netijesinde alnan maglumatlar Federal hökümet tarapyndan maksatnama meýilnamalaşdyrmak üçin ulanylyp bilner.

Bu haýýyşnamanyň jogaplaryny AlmatyAASolicitations@usaid.gov bolan elektron salgysyna we kontrakt we ylalaşyk ofisiniň hünärmenleri Dauren Ahmedowy dakhmetov@usaid.gov hem-de Aliýa Baýoralowany abaioralova@usaid.gov kopiyada goýup ibermegiňizi haýyş edýäris. Hatynyň ady **"RFI № 72011524RFA00004 USAID's Local Works Activity"** we bu haty **2024-nji ýylyň 29-njy maýyndan gijä galman Almata wagty bilen 09:00-a çenli** ibermegiňizi haýyş edýäris. Bu möhletden soň alnan jogaplar okalmaz ýa-da seredilmez. Maglumat baradaky bu haýyşyň jogaplary geljekki seljeriş möwsümlerde hiç bir gurama hiç hili artykmaçlyk bermez. USAID/CA bu RFI-ýa jogap hökmünde berlen soraglara yzyna hiç hili pikiri ýa-da jogaby bermez. Hiç bir anketa ýa-da resminama kabul edilmez ýa-da baha berilmez.

Soraglar aşakda berilýär.

USAID/CA dalaşgärlerimiziň we potensial hyzmatdaşlarymyzyň goşandyna ýokary baha berýär we geljekdäki meýilnamalary düzmäge gyzyklanmaňyz we goldawyňyz üçin sag bolsun aýdýar.

Hormatlamak bilen,

Kinsy M. Hood Digitally signed by Kinsy M. Hood
Date: 2024.04.01 15:06:58 +05'00'

Kinsy Hood

Şertnamalar boýunça işgär

**Şu aşakdaky soraglara jogap bermegiňizi haýyş edýäris. Ýylgyzjyk (*) bilen belgilenen soraglar hökmanydyr:**

1. * Döwlet hasabat alnyşyna laýyklykda guramanyň resmi doly ady

2. * Habarlaşmak üçin adamyň ady we wezipesi

3. * Habarlaşmak üçin adamyň elektron salgysy

4. * Siziň guramaňyz haýsy ýurtda kanun taýdan hasaba alyndy?

5. *Siziň guramaňyzyň esasy iş ýeri haýsy ýurt?

6. * Aşakdakylaryň haýsysy siziň guramaňyzy has gowy beýan edýär?
    a. Jemgyýetçilik gurama/raýat jemgyýetiniň guramasy
    b. Ylmy-barlag ýa-da ylmy-gözleg edarasy
    c. Hususy pudak guramasy
    d. Başga [düşündirmegiňizi haýyş edýäris]

7. * Siziň guramaňyz soňky bäş ýylda USAID-den (esasy alyjy hökmünde we kiçi baýraklary hem goşmazdan) 5 million amerikan dollaryndan gowrak serişde aldymy?
    a. Hawa, biziň guramamyz soňky 5 ýylyň dowamynda USAID-den 5 million dollardan gowrak girdeji aldy.
    b. Ýok, biziň guramamyz soňky bäş ýylda USAID-den 5 million dollardan gowrak girdeji almady.

8. *Siziň guramaňyz ABŞ-nyň Hökümetinden (USG) (esasy alyjy hökmünde ýa-da kiçi baýraklary hökmünde) serişdeleri aldymy? (Degişli zatlaryň hemmesini saýlamagy haýyş edýäris)
    a. Hawa, biziň guramamyz esasy alyjy hökmünde ABŞ-nyň hökümetinden serişdeleri aldy;
    b. Hawa, biziň guramamyz kiçi baýraklary hökmünde ABŞ-nyň hökümetinden serişdeleri aldy;
    c. Ýok, biziň guramamyz ABŞ-nyň hökümetinden serişdeleri almady.

9. *Siziň guramaňyz haýsy dilde yzygiderli işleýär? Ähli gabat gelýänlerini saýlaň:
    a. Türkmençe
    b. Rus dili
    c. Iňlis dili
    d. Başga (haýyş edýäris, takyklaň)

10. Grant we/ýa-da şertnamany dolandyrmakda, şol sanda subgrantlaryň ýa-da kiçi baýraklary dolandyrylyşy boýunça programma üpjünçiligi bilen guramaňyzyň öňki tejribesini (eger bar bolsa) beýan etmegiňizi haýyş edýäris; şol sanda kiçi ýa-da kömekçi şertnamalary dolandyrmak bilen baglanyşykly guramaňyzyň öňki tejribesini beýan ediň; satyn alyş amallaryny dolandyrmak, şol sanda halkara serhetlerinden haryt satyn almak; işe almak proseslerini dolandyrmak; işgärler syýasatyny ösdürmek we berjaý etmek; gözegçilik, baha bermek we hasabat amallaryny dolandyrmak; we/ýa-da maliýe dolandyryş syýasatlaryny işläp düzmek we goldamak. 1 sahypadan köp bolmaly däl.

11. Öz guramaňyzyň Türkmenistan boýunça geçen tejribesini beýan etmegiňizi haýyş edýäris (eger bar bolsa), şol sanda Türkmenstatyň döwlet edaralary bilen işlemek; harytlaryň Türkmenistana getirilşine we eksportyna gözegçilik etmek ýa-da ony ýeňilleşdirmek; we/ýa-da Türkmenistanda başga haýsydyr bir iş. Türkmenistanda iş sebitlerini görkezmegiňizi haýyş edýäris. 1 sahypadan köp bolmaly däl.

12. Guramaňyzyň maldarçylyk pudagynda toplan tejribesini (eger bar bolsa), şol sanda süýt ýa-da sygyr etiniň yzygiderlilikde gymmatynyň emele getirmegi bilen işlemek tejribäňizi beýan etmegiňizi haýyş edýäris; Maldarlar bilen islendik ugurda işlemek, şol sanda okuw bermek, weterinariýa hyzmatlaryny bermek ýa-da maldarlar bilen beýleki gatnaşyklar ýaly tejribe;

we/ýa-da Türkmenistanda oba hojalygy we maldarçylyk bilen baglanyşykly guramalar bilen işlemek tejribesi (mysal üçin, Oba hojalyk uniwersiteti, weterinariýa kolleji, Senagatçylar we Telekeçiler birleşigi we ş.m.). 1 sahypadan köp bolmaly däl.

13. * Siziň guramaňyz nähili serişdeleri alýar? (Degişli zatlaryň hemmesini saýlamagy haýyş edýäris)
    a. Türkmen döwlet býujeti
    b. Halkara guramalarynyň/sponsorlarynyň serişdeleri (meselem: USAID, GiZ, Bütindünýä banky, ilçihanalar, halkara binýatlary, halkara guramalary, we ş.m.)
    c. Hususy pudagyň guramalarynyň, şol sanda ýerli/halkara kompaniýalaryň serişdeleri
    d. Söwda hyzmatlaryny etmek ýa-da harytlary satmak arkaly gazanylan serişdeler
    e. Ýokarda aýdylanlaryň hiç biri
    f. Başga (haýyş edýäris, takyklaň)